**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 28 –nji oktýbaryndaky № 109 buýrugy bilen tassyklanyldy**

## № 1-BIRŽA «BIRŽANYŇ IŞ ALYP BARYŞY BARADA HASABAT» DÖWLET STATISTIK HASABAT FORMASYNYŇ DOLDURYLYŞY BOÝUNÇA GOLLANMA

### Umumy görkezmeler

«Biržanyň iş alyp baryşy barada hasabat» atly forma 1-birža hasabaty her çärýeklik üçin aýratyn, haryt-çig mal, haryt-gor we beýleki biržalar düzýärler we hasabat döwründen soňky 5-nji günde ýerleşýän ýerindäki statistik dolandyryş edaralaryna tabşyrýarlar.

### 1 Bölüm. Geçirilen söwdalar boýunça biržanyň iş alyp barmaklygynyň esasy görkezijileri

Hasabatyň 1-nji bölüminde - ilkibaş maýanyň mukdary (02 setir), biržanyň agzalarynyň sany (03 setir), biržada hasaba alynan broker kontoralarynyň (firmalaryň), garaşsyz brokerleriň sany (07 setir), haryt seksiýalarynyň sany (09 setir) ýaly görkezijiler hasabat döwrüniň ahyryna doldurylýar.

04-nji setir boýunça broker kontoralarynyň hasaba alynyp heniz hakykatdan iş alyp barmaklyga girişmediklerini hem hasaba almak bilen, sany görkezilýär;

05-njy setir boýunça birža iş alyp barmaklyga hukuk berýän lisenziýada görkezilen haryt seksiýalarynyň sany görkezilýär; 06-njy setir boýunça geçirilen söwdalaryň sany görkezilýär.

07-08 setirler boýunça birža iş alyp barmaklykdan alynan tutuş girdeji görkezilýär.

09-nji setir boýunça söwdalara gatnaşmaklyk üçin ýygymlaryň jemi görkezilýär.

Biržalaryň hasabatynyň 10-nji setiri boýunça birža ýygymlarynyň hasabat döwrüniň ahyryna emele gelen hakyky ortaça göterimi görkezilýär. Eger biržada komissiýa ýygymy alynmaýan bolsa, onda kese çyzyk goýulýar.

11-nji setirde Býujete tölenen tölegleriniň möçberi görkezilýär.

### 2 Bölüm. Harytlary satmak boýunça biržalaryň gören haýry we baglaşylan gepleşikleriň sany

2-nji bölümiň 01-25 setirlerinde biržanyň dolanyşy we satmaklyga baglanyşylan gepleşikleriň hemme sany we şol sanda Daşary ykdysady işleriň haryt sanawynyň düzümi boýunça görkezilýär (DYI HS).

Biržada baglanylyşan gepleşikleriň sany - bu haryt tabşyryjy bilen alyjynyň arasynda dokumentleşdirip düzülen namalaryň (şertnamalaryň, ylalaşyklaryň, kontraktlaryň) sanydyr.

Geçirilen söwdalar boýunça biržanyň dolanyşygy satmak boýunça hemme baglanyşylan gepleşikleriň pul görnüşinde jemi bilen hasaplanýar. Biržanyň dolanyşygy hereket edýän bahalarda GGS almazdan müň manatda we müň ABŞ-nyň dollarynda bitin sanlarda görkezilýär.

Eger biržanyň dolanyşygy daşary ýurt pulunda hasaplanyp çykarylýan bolsa, onda 2-nji sütünde bahalar ABŞ-nyň müň dollarynda görkezilýär.

Harytlary (önümleri) şol ýa-da beýleki topara girizmeklik maksadyň artykmaçlygy boýunça amala aşyrylýar.

02 setiriň görkezijileri 03 - 06 setirleriň jemine deň bolmaly.

07 setiriň görkezijileri 08 - 19 setirleriň jemine deň bolmaly.

01 setiriň görkezijileri 02, 07, 20-25 setirleriň jemine deň bolmaly.

### 3 Bölüm. Biržada harytlaryň ýerlenişi.

Hasabatyň 3-nji bölüminde biržada çärýekligiň dowamynda ýerlenen harytlaryň görnüşleri getirilip görkezilýär, olar boýunça harytlaryň mukdary, gymmaty we ortaça bahasy barada görkezijiler görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**